THE ASHGABAT TIMES

# AJAÝYP ESER- BIZ ÝAŞLAR ÜÇIN KÄMIL ÝOL-ÝÖRELGE, NUSGALYK GOLLANMA

Ata Watanymyzyň her bir güni bagtlylykdan nyşandyr. Bagtly günleriň şaýady bolýan günlerimiziň her bir pursaty bolsa, taryhy wakalara, şatlykly senelere baýdyr. Şeýle taryhy wakalaryň toý-baýramlara beslenýän günlerinde, Täze ýylyň öňüsyrasynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitabynyň elimize gowuşmagy, biz ýaşlaryň ykbalyna ýatdan çykmajak ýakymly pursatlary bagyş etdi. Hormatly Prezidentimiziň çuň many-mazmunly eserinde ýurdumyzyň ýaşlarynyň häzirki döwürde ýeten belent sepgitleriniň, gazanan üstünlikleriniň, döwletimiziň taryhyndaky ähmiýetli wakalaryň jemi jemlenýär. Bu kitap Watany söýüp, ony ezizlenmegiň, halal zähmet çekip, il-ýurda ak ýürekden hyzmat etmegiň iň kämil waspçysydyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitabyndaky Watançylyk pentleri bize hemişe ýol ýörelge, baý durmuş mekdebi bolup hyzmat edýär. Täze kitapda şu gün we geljek üçin örän möhüm başlangyçlar öňe sürülýär. Olarda mukaddes Garaşsyzlygymyz, hemişelik Bitaraplygymyz, ýaşlarymyzyň beýik işleri, türkmen topragynyň gülläp ösüşleri, ylym-bilim, medeniýet, sport, dost-doganlyk, ynsanperwerlik, milli garaýyşlar, döwletlilik, syýasat, taryh hem miras, şu gün hem geljek hakynda giňişleýin söhbet edilýär. Hormatly Prezidentimiziň bu kitaby «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda belent maksatlara ýetmekde halkymyza, aýratynam biz ýaşlara ruhy goldaw berer.

Hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlara bagyşlanan şeýle gymmatly eseri ýazmagy ýaş nesilleriň, biz talyp ýaşlaryň jemgyýetimizde tutýan ornuna uly ähmiýet berilýändigini aýdyň görkezýär. Çuňňur many-mazmuna hem-de taryhy pursatlara baý bolan ajaýyp eser kämil ýol-ýörelge, nusgalyk gollanma bolup, biz ýaşlaryň halkymyzyň, döwletimiziň bagtyýar geljegine bolan beýik ynamyny has-da berkidýär.

Goý, ata Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek babatda döwlet ähmiýetli işleri durmuşa ornaşdyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary hemişe aman bolsun!

**Kerim ÝEGENMYRADOW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024